Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy we yzygiderli tagallasy bilen Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy döredilen pursadyndan bäri ösüp gelýän ýaş nesilleriň saglygynyň goralmagyna gönükdirilen çäreler toplumyny amala aşyryp gelýär. 2021-nji ýyldan bäri hereket edýän Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça Haýyr-sahawat gaznasy ýurdumyzda we daşary ýurtlarda işjeň hem köptaraplaýyn haýyr-sahawat işlerini alyp barýar. Gaznanyň serişdeleriniň hasabyna dünýäniň dürli ýurtlarynyň heläkçilik zerarly ejir çeken çagalaryna hem yzygiderli kömekleriň berilmegi, çylşyrymly köp basgançakly hirurgiýa operasiýalarynyň amala aşyrylmagy we köptaraplaýyn ynsanperwer çäreleriň guralmagy – ynsanperwer ýörelgeleriň dünýäde ykrar edilýändigininiň aýdyň beýanydyr.
Mälim bolşy ýaly, ýurdumyzda lukman Arkadagymyzyň milli saglygy goraýyş ulgamynda başyny başlan giň möçberli özgertmeleri hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýär. Şeýlelikde saglyk edaralarynyň maddy-enjamlaýyn binýadynyň berkidilmegine döwlet derejesinde ähmiýet berilýär. Munuň özi ynsan saglygynyň goralmagynyň möhüm şertini emele getirýär. Bu babatda alnyp barylýan işleriň netijeli häsiýete eýe bolmagynda Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň mynasyp goşandy bardyr. Milli Liderimiziň başlangyjy esasynda işlenip taýýarlanylan “Saglyk” Döwlet maksatnamasyndan gelip çykýan wezipeleriň ýokary derejede amala aşyrylýandygyny, gaznanyň ösüp gelýän ýaş nesilleriň saglygynyň berkidilmegi ugrunda edýän tagallalarynyň oňyn netijeleri berýändigini äşgär etmelidir.

**Beglimyrat AKMYRADOW**

**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky**
**Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby**

Все права защищены

save pdf date >>> 05.12.2025